# Arzuwlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Arzuwlar ARZUWLAR

Bu göwnümiñ arzuwlary,
Beýik daglañ depesinde.
Oña tarap ylgaý-ylgaý,
Dynyp barýa nepesim-de.
Dag gerşine çykabilmän,
Aýaklam diýdi: «Bes indi».
Nepesim nepese ýetmän,
Diýdi: «Umydyñ kes indi».
Bu nalyşa dözebilmän,
Umydym yza tesende,
Ynamyñ ýagty çyrasy,
Şöhle saçmasyn kesende,
Umydyñ gollarna berip,
Alawlap ýanýan kesindi,
Men ýene-de ýola düşýän…
Gözel baglañ kölgesinde,
Heý, karar tapmazmy göwün,
Beýik daglañ jülgesinde.
Eý, meniñ arzuwçyl göwnüm,
Dogmadygña düşün ahyr,
Jadygöýleñ külbesinde.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular